Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#40(271)

четверг, 2 октября 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**25-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

**Milli parlamentde**

Mejlisiň Başlygy ýurdumyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli özgertmeleriň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak we milli kanunçylygy döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz döwrüň talabyna laýyk gelýän täze kanun taslamalaryny işläp taýýarlamagyň möhüm wezipeleriň biridigini, şoňa görä, bu ugurda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi.

**Ykdysadyýetde**

Şu ýylyň sentýabrynda Aşgabatda geçiriljek Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-wenger toparynyň nobatdaky mejlisine görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berildi. Onda bellenilişi ýaly, altynjy mejlisiň gün tertibine laýyklykda, söwda-ykdysady, energetika, dokma senagaty pudaklarynda, ulag ulgamynda, oba hojalyk, azyk we daşky gurşawy goramak, suw serişdelerini dolandyrmak, durmuş, zähmet, ylym-bilim, saglygy goraýyş, derman senagaty, medeniýet, sport we syýahatçylyk ulgamlarynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek hem-de onuň gerimini giňeltmek barada pikir alyşmak göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-wenger toparynyň türkmen böleginiň düzümini tassyklamak hakynda resminama gol çekdi.

**Nebitgaz toplumynda**

«Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy tarapyndan häzirki wagtda ýurdumyzyň dürli künjeklerinde uglewodorod serişdeleriniň ýerasty gorlaryny anyklamak we ýüze çykarmak işleri alnyp barylýar. Bu ugurdaky işleriň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak üçin düzümiň

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО КИТАЙСКОЙ НАРОДНОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Председателю Китайской Народной Республики Си Цзиньпину и Премьеру Государственного Совета КНР Ли Цяну, а также дружественному народу страны по случаю Дня провозглашения Китайской Народной Республики.

Отметив большие результаты Китая в экономическом развитии и улучшении благосостояния народа за минувшие годы, глава Туркменистана подчеркнул успешную реализацию реформ по продвижению китайской модернизации.

«Туркменистан придаёт большое значение развитию двустороннего сотрудничества с Китайской Народной Республикой. Наши страны оказывают взаимную поддержку на международной арене, с каждым годом увеличивается торговый оборот, поощряются культурные обмены», – отметил Президент Сердар Бердымухамедов.

Подчеркнув значимость недавнего визита в Китай для участия в работе Тяньцзиньского саммита ШОС в качестве почётного гостя и отметив, что с особой теплотой вспоминает содержательную встречу в Пекине, прошедшую в атмосфере взаимного уважения и доверия, глава государства выразил твёрдую уверенность, что итоги визита послужат новым стимулом в расширении взаимовыгодного партнёрства, и что стратегическое туркмено-китайское сотрудничество, основанное на давних узах дружбы и взаимопонимания, будет и впредь развиваться на благо двух народов.

Пользуясь возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Председателю Китайской Народной Республики Си Цзиньпину и Премьеру Государственного Совета КНР Ли Цяну пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов в государственной деятельности, а народу Китая – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО ФЕДЕРАТИВНОЙ РЕСПУБЛИКИ ГЕРМАНИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Федеральному Президенту Федеративной Республики Германия Франку-Вальтеру Штайнмайеру, Федеральному Канц¬леру Федеративной Республики Германия Фридриху Мерцу, а также народу страны по случаю Дня германского единства.

«Отношения Туркменистана с Федеративной Республикой Германия последовательно укрепляются и содержательно обогащаются», – отметил глава государства, выразив готовность к оказанию содействия дальнейшему развитию дружественных связей между двумя странами, а также уверенность в их расширении и укреплении в интересах обоих народов благодаря совместным усилиям.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменистана адресовал Федеральному Президенту Федеративной Республики Германия Франку-Вальтеру Штайнмайеру и Федеральному Канцлеру Федеративной Республики Германия Фридриху Мерцу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Германии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga hem-de döwrebaplaşdyrmaga aýratyn üns berilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Döwlet Baştutanymyz nebitiň we tebigy gazyň gözlegi boýunça geologiýa işleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek bilen bagly taýýarlanylan teklibi goldap, wise-premýere bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

### Oba hojalygynda

Möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy baradaky hasabatda nygtalyşy ýaly, şu günler ýurdumyzyň ekerançylyk meýdanlarynda bugdaý ekiş möwsümini bellenen möhletlerde we talabalaýyk geçirmek üçin zerur çäreler görülýär. Ekiş geçirilen ýerlerde gögeriş suwy tutulýar. Pagta ýygymy möwsüminiň çäklerinde daýhan yhlasy bilen ýetişdirilen pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak we kabul ediş harmanhanalarynda, pagta arassalaýjy kärhanalarda kabul etmek boýunça degişli işler geçirilýär. Welaýatlaryň maldarçylyk hojalyklarynda mallaryň baş sanyny artdyrmak, önüm berijiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, ätiýaçlyk otiýym gorlaryny döretmek babatda zerur çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmegiň we onuň işini kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigini belläp, wise-premýere bugdaý hasylynyň ekiş möwsümini talabalaýyk geçirmegi, ösdürilip ýetişdirilen pagta hasylyny ýygnap almagy guramaçylykly alyp barmagy tabşyrdy.

### Medeniýetde

Oktýabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi baradaky hasabatda geljek aýyň dowamynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Ýaşulularyň halkara güni, Hatyra güni, Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni we Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli dürli çärelerdir dabaralary geçirmegiň meýilleşdirilýändigi aýdylýar. Şeýle hem oktýabr aýynyň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinden gelip çykýan wezipeleri wagyz etmek maksady bilen, dürli maslahatlaryň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz oktýabr aýynda ulanmaga beriljek medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyş dabaralaryny ýokary derejede geçirmek, Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni, Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli çärelere gowy taýýarlyk görmek babatda anyk tabşyryklary berdi.

* * *

Mundan başga-da, Hökümet mejlisinde söwda toplumynda, ylym, bilim, sport we saglygy goraýyş ulgamlarynda, daşary syýasatda, ulag we kommunikasiýa, gurluşyk we senagat pudaklarynda alnyp barylýan işlere garalyp, degişli çözgütler kabul edildi.



# TÜRKMENISTANYŇ GARAŞSYZLYK GÜNI MYNASYBETLI ESASY DABARA

***27-nji sentýabrda Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli esasy dabaralar Döwlet münberi toplumynyň öňündäki meýdançada ýaýbaňlandyryldy. Bu ýerde Milli goşunymyzyň harby gullukçylary hatara düzüldiler. Olaryň arasynda ýöriteleşdirilen ýokary okuw mekdepleriniň harby talyplary, harby okuwçylar hem bar.***

Dabaraly pursat ýetip geldi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow münberiň syn ediş ýerine bardy. Harby we hukuk goraýjy edaralaryň Birleşen harby orkestriniň ýerine ýetirmeginde harby sazlar ýaňlandy. Ýygnananlar uly ruhubelentlik bilen döwlet Baştutanymyzy mübäreklediler. Däp bolşy ýaly, baý-ramçylyk çäresi dabaraly harby ýöriş bilen badalga aldy. Onuň dowamynda Watanymyzyň goranyş kuwwaty, halkymyzyň abadan, parahat durmuşynyň, mukaddes serhetlerimiziň, Garaşsyzlygymyzyň gazananlarynyň goragynda duran merdana harby gullukçylaryň ýokary hünär ussatlygy, ukyp-başarnyklary görkezildi.

Goranmak ministri, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary B.Gündogdyýew Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedowa ýüzlenip, Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 34 ýyllygy mynasybetli dabaraly harby ýörişe başlamaga rugsat bermegini haýyş etdi. Döwlet Baştutanymyz dabara başlamaga rugsat berdi.

Dabaraly harby ýörişiň ýöriş sazlaryny ýerine ýetiren harby we hukuk goraýjy edaralaryň Birleşen harby orkestriniň ýerine ýetirmeginde Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly goşgusyna döredilen aýdym dabaraly harby ýörişiň jemlenmesine öwrüldi.

Soňra Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli giň gerimli dabara dowam etdi. Ol döwrebap telekommunikasiýa serişdeleri we aragatnaşyk ulgamlary arkaly göni ýaýlymda köpçülige ýetirildi.

Bu ýerde milli lybasdaky iki çapyksuwar ajaýyp ahalteke bedewini meýdança çykardylar. Şaý-sepler bilen bezelen at esbaplary behişdi bedewiň gözelligine gözellik goşýar. 2022-nji ýylda doglan Zaman atly akýal mele reňkli bu ajaýyp bedew Gurthatar we Ysgyn diýen atlaryň neslindendir. Ady rowaýata öwrülen Gelşikliniň ugruna degişli bolan bu bedew Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli, türkmen halkynyň bagtyýarlygy, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda edýän yzygiderli aladasy üçin tüýs ýürekden hoşallygyň nyşany hökmünde Hökümet agzalarynyň adyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa sowgat berildi.

Soňra ellerinde Türkmenistanyň Döwlet baýdagy hem-de BMG-niň baýdagy buýsançly parlaýan türkmen çapyksuwarlarynyň ýörişi başlandy. Soňra meýdançadan diňe bir ýurdumyzda däl, daşary ýurtlarda-da uly şöhrata eýe bolan «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary geçdi.

Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli baýramçylyk ýörişini Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň, Mejlisiniň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri dowam etdiler. Meýdançadan milli nyşanlar bilen bezelen awtoulag platformasy geçdi.

Soňra kanun esasynda döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk derejesine eýe bolan Arkadag şäheriniň häkimliginiň baýramçylyk görnüşinde bezelen awtoulag platformasy meýdança çykdy.

Soňra Aşgabat şäher häkimliginiň paýtagtymyzyň binagärlik nyşanlary bilen bezelen awtoulag platformasy Döwlet münberiniň öňünden geçdi.

Soňra dabaraly ýöriş ýurdumyzyň bäş welaýatyna wekilçilik edýän awtoulag platformalarynyň toparynyň geçmegi bilen dowam etdi.

Hormatly Prezidentimizi hem-de dabaranyň köp sanly myhmanlaryny awtoulag platformalarynda barýan ýaşulular, ýaş nesliň wekilleri mübäreklediler. Joşgunly aýdym-sazlar, asmana uçurylan köpöwüşginli şarlar adamlaryň baýramçylyk ruhuny belende göterdi.

Döwlet münberiniň öňündäki meýdançadan Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň baýramçylyk görnüşinde bezelen awtoulagy, köp sanly türgenler geçdiler.

Soňra Döwlet münberiniň öňünden Bilim ministrliginiň baýramçylyk äheňinde bezelen awtoulaglary, bu ulgamyň wekilleri, ýaş nesiller geçdiler.

Baýramçylyk ýörişini saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleri dowam etdiler.

Soňra baýramçylyk meýdançasyndan Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentliginiň işgärleri dabaraly ýagdaýda geçdiler.

Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň, «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň platformasynda, Energetika ministrliginiň awtoulag platformasynda ýetilen sepgitler öz beýanyny tapdy. Soňra dokma we halyçylyk pudaklarynyň mümkinçilikleri görkezildi.

Meýdança Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, Döwlet haryt-çig mal biržasynyň,

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ GARAŞSYZLYK GÜNI MYNASYBETLI ESASY DABARA

*(Başlangyjy 2-nji sahypada).*

Söwda-senagat edarasynyň awtoulag platformalary çykdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen häzirki döwürde ulag-kom-munikasiýa toplumyny maksatnamalaýyn esasda ösdürmek, halk hojalyk ýükleriniň daşalmagyny kämilleşdirmek, ýolagçylary gatnatmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Baýramçylyk meýdançasyndan topluma degişli edarakärhanalaryň işgärleri we bezelen awtoulag platformalary geçdiler.

Soňra Döwlet münberiniň öňünden milli ykdysadyýetimiziň binýatlyk pudagy bolan nebitgaz toplumynyň işgärleri we awtoulag platformalary, maliýe we ykdysadyýet toplumyna wekilçilik edýän awtoulag platformalary geçdi.

Oba hojalyk we azyk senagaty ulgamyna degişli pudaklaýyn düzümleriň baýramçylyk äheňinde bezelen awtoulaglary we işgärleri dabaraly ýörişi dowam etdiler.

Dabara medeniýet ulgamynyň işgärleriniň ýörişi bilen jemlendi. Dabaranyň ahyrynda döwlet Baştutanymyzy Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary, Aşgabat şäheriniň, ýurdumyzyň welaýatlarynyň häkimleri Türkmenistanyň Garaşsyzlygy-nyň şanly 34 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutladylar hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdiler.

Hormatly Prezidentimiz hemmeleri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly senesi bilen gutlady we alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

Paýtagtymyzda badalga alan baýramçylyk dabaralary ýurdumyzyň ähli künjeklerinde dowam edip, ildeşlerimiziň kalbyny baýramçylyk şatlygy hem-de buýsanç duýgulary bilen doldurdy. Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli dabaralar agşam «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň öňündäki meýdançada geçirilen konsert bilen dowam etdi. Bu ýere ýygnanan köp sanly tomaşaçylaryň öňünde meşhur hem-de ýaş artistler, folklortans toparlary öz ussatlyklaryny görkezdiler. Baýramçylyk feýerwerki Garaşsyzlyk baýramyna bagyşlanan dabaralaryň özboluşly jemlenmesine öwrülip, Aşgabadyň gijeki asmanyna ajaýyp baýramçylyk öwüşginini çaýdy.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI “IGNFI” KOMPANIÝASYNYŇ ÝOLBAŞÇYSYNY KABUL ETDI



28-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli baýramçylyk dabaralaryna gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen “IGNFI” kompaniýasynyň ýolbaşçysy Oliwýe Delumony kabul etdi.

Işewür wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň baş baýramy — Garaşsyzlyk güni bilen gutlady we Türkmenistana ilkinji gezek gelip görýändigini hem-de paýtagtymyz Aşgabadyň, türkmen halkynyň baý medeni mirasynyň özünde uly täsirleri galdyrandygyny buýsanç bilen belledi.

Şeýle hem myhman Türkmenistanyň okgunly durmuş-ykdysady ösüşiniň ýokary baha mynasypdygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz mähirli gutlaglar we hoşniýetli arzuwlar üçin minnetdarlyk bildirip, işewüriň şu saparynyň özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga we giňeltmäge ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, oba hojalyk toplumy ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde ileri tutulýan ugur bolup durýar. Ilatyň durmuşy we maddy hal-ýagdaýy köp babatda bu pudagyň ösüşine baglydyr.

Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz pudagy ösdürmäge, ekin meýdanlarynyň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmaga, oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny ýokarlandyrmaga we daýhanlaryň zähmetini ýeňilleşdirmäge aýratyn üns berýär. Oba hojalyk toplumyny kämilleşdirmek, innowasiýalary, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň daşary ýurt kompaniýalary, ilkinji nobatda, baý tejribesi we kämil tehnologiýalary bolan öňdebaryjy kompaniýalar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga hemişe açykdygyny aýdyp, “IGNFI” kompaniýasyny hem şolaryň hatarynda belledi.

Nygtalyşy ýaly, pudagyň sanlylaşdyrylmagy durnukly oba hojalygy üçin täze mümkinçilikleri açýar, şeýle hem takyk ekerançylyk we agronomiýanyň durnukly usullary ýaly innowasion tejribeleri ornaşdyrmaga şert döredýär.

Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz geljekde hyzmatdaşlyk etmek üçin gowy mümkinçilikleriň bardygyny belläp, ýurdumyzyň hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça kompaniýanyň anyk tekliplerine seretmäge taýýardygyny aýtdy.

Işewür Türkmenistanda oba hojalyk pudagy boýunça bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge taýýardygyny beýan etdi.

Duşuşygyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow “IGNFI” kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygyň ýurdumyzyň oba hojalyk toplumyny ösdürmek üçin täze mümkinçilikleri açjakdygyna ynam bildirip, kompaniýanyň ýolbaşçysyna işinde üstünlikleri arzuw etdi.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI“TOYO ENGINEERING CORPORATION”KOMPANIÝASYNYŇ ÝOLBAŞÇYSYNY KABUL ETDI



28-nji sentýabrda baýramçylyk at çapyşygynyň geçirilýän pursatlarynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli dabaralara gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen “Toyo Engineering Corporation” ýapon kompaniýasynyň prezidenti, baş ýerine ýetiriji direktory, wekilçilik müdiri Eiji Hosoini kabul etdi.

Işewür wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň Garaşsyzlyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlady hem-de ýapon-türkmen gatnaşyklaryny ösdürmekde hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň uly goşandyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz myhmany mähirli mübärekläp, Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan bäri Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň dürli ugurlarda, şol sanda nebitgaz, himiýa, gurluşyk we beýleki pudaklarda üstünlikli alnyp barylýandygyny nygtady. Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän maksatnamalar, maýa goýumlar üçin döredilen oňyn şertler gatnaşyklary giňeltmäge esas berýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz hyzmatdaşlygy has-da ösdürmekde we kämilleşdirmekde Ýaponiýanyň iri kompaniýalarynyň, şol sanda “Toyo Engineering Corporation” kompaniýasynyň möhüm ornuny belledi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky gatnaşyklar uzak möhletleýin strategik häsiýete eýedir. Ýapon kompaniýalary iki ýurduň ykdysady mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge uly goşant goşýarlar. “Toyo Engineering” kompaniýasy bilen nebitgaz we himiýa ulgamlarynda netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Bu düzümiň gatnaşmagynda Gyýanlyda ägirt uly gazhimiýa desgasynyň — polimer zawodynyň gurlup ulanmaga berilmegi munuň aýdyň mysalydyr. Işewür türkmen bazarynda netijeli işlemäge döredilýän amatly şertler üçin hoşallyk bildirip, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň Türkmenistanyň ykdysady ösüşine mundan beýläk-de goşant goşmaga hemişe taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda durmuşa geçirilýän ykdysady ösüş maksatnamalary, senagat pudagyndaky özgertmeleri göz öňünde tutup, geljekde hyzmatdaşlygy täze ugurlar boýunça has-da ösdürmäge mümkinçiligiň bardygyna ünsi çekip, ýurdumyzyň kompaniýanyň anyk tekliplerine seretmäge taýýardygyny aýtdy.

Eiji Hosoi ýolbaşçylyk edýän kompaniýasyna bildirilen uly ynamy ödemek üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, “Toyo Engineering Corporation” kompaniýasynyň ýolbaşçysyna işinde üstünlikleri arzuw etdi.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI “BUIG” KOMPANIÝASYNYŇ ÝOLBAŞÇYLARYNY KABUL ETDI

26-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli dabaralara gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen “Buig” kompaniýalar toparynyň ýolbaşçysy Marten Buigi kabul etdi. Duşuşyga “Buig” kompaniýasynyň Baş direktorynyň orunbasary Edward Buig, dolandyryjylar geňeşiniň agzasy William Buig, «Buig Batiman International» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Pýer-Erik Sen-Andre hem gatnaşdylar.

Fransuz işewürleri wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutladylar we ähli türkmen halkyna bagtyýarlyk, parahatçylyk, rowaçlyk arzuw etdiler.

Hormatly Prezidentimiz myhmanlary mähirli mübäreklä p, “Buig” kompaniýasynyň köp ýyllaryň dowamynda türkmen bazarynda üstünlikli işläp gelýändigini belledi. Şol döwürde kompaniýa halkara hil we durnukly ösüş standartlaryna laýyk gelýän taslamalary amala aşyrýan ygtybarly hyzmatdaş hökmünde özüni tanatdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz işewürleriň şu gezekki saparynyň özara hyzmatdaşlygy ösdürmekde, kompaniýanyň Türkmenistandaky işiniň täze ugurlaryny kesgitlemekde möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi.

Bellenilişi ýaly, her ýyl medeni-durmuş we jemgyýetçilik maksatly täze desgalar bilen paýtagtymyzyň binagärlik keşbiniň üsti ýetirilýär. Aşgabat halkara hem sebit hyzmatdaşlygynyň merkezi, iri halkara çäreleriň geçirilýän ýeri hökmünde ornuny pugtalandyryp, okgunly ösmegini dowam etdirýär. “Buig” kompaniýasy 30 ýyldan gowrak wagt bäri Türkmenistanda iş alyp barýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz kompaniýanyň jogapkärçiligiň ýokary derejesini görkezip, öz üstüne alan borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirýändigini nygtady. Bilelikde amala aşyrylan taslamalar Türkmenistanyň ykdysady ösüşine, şol sanda ýurdumyzyň gurluşyk, inženerçilik-senagat kuwwatyny pugtalandyrmaga goşant goşdy. Kompaniýa öz işinde innowasiýalary, milli özboluşlylyk bilen sazlaşykly utgaşýan döwrebap binagärlik çemeleşmelerini işjeň ulanýar.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň ýokary tehnologiýalara eýe bolan kompaniýalar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga hemişe açykdygyny aýdyp, ýurdumyzyň “Buig” kompaniýasynyň täze tekliplerine seretmäge taýýardygyny tassyklady.

Marten Buig bildirilen uly ynam üçin hoşallygyny beýan edip, kompaniýanyň Türkmenistanyň ykdysady ösüşine mundan beýläk-de goşant goşmaga ygrarlydygyny nygtady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow “Buig” kompaniýasynyň ýolbaşçylaryna alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

# DOSTLUKLY GATNAŞYKLAR PUGTALANDYRYLÝAR



27-nji sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Watanymyzyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli dabaralara gatnaşmak üçin ýurdumyza sapar bilen gelen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow bilen duşuşdy.

Duşuşygyň öňüsyrasynda Gahryman Arkadagymyz hem-de Tatarystanyň Baştutany iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde surata düşdüler.

Myhman mähirli kabul edilendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Halk Maslahatynyň Başlygyny Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygyna eýe bolmagynyň 34 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlady hem-de pursatdan peýdalanyp, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň we Hökümet Başlygy Mihail Mişustiniň Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Milli Liderimiz Rustam Minnihanowy türkmen topragynda mähirli mübärekläp, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutanynyň saýlawlarynda gazanan ýeňşi bilen gutlady. Bellenilişi ýaly, Tatarystanyň Baştutanynyň saýlawlardan soňra Rustam Minnihanowyň ilkinji amala aşyran sapary biziň ýurdumyz Türkmenistan bolmagy ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýokary derejesine şaýatlyk edýär. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz Rustam Minnihanowdan Russiýa Federasiýasynyň ýolbaşçylaryna salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýollady.

Söhbetdeşler ýokary derejedäki özara gatnaşyklaryň yzygiderli häsiýete eýe bolýandygyny kanagatlanma bilen bellediler. Şunuň bilen baglylykda, Milli Liderimiz Rustam Minnihanowyň şu ýylyň awgustynda Türkmenistana amala aşyran saparyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny aýdyp, Russiýa Federasiýasy bilen döwletara dialogyň çäklerinde Türkmenistan bilen Tatarystan Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň okgunly hem-de netijeli häsiýete eýedigine ünsi çekdi.

RF-niň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň iki halkyň arasynda dostlukly gatnaşyklary ösdürmekdäki tagallalaryny belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri pursatdan peýdalanyp, Rustam Minnihanowyň şu gezekki saparynyň türkmen-tatar hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmäge, iki doganlyk halkyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga täze itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ГЕРОЙ-АРКАДАГ ВСТРЕТИЛСЯ С РУКОВОДИТЕЛЯМИ КОМПАНИИ «BOUYGUES»

26 сентября Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов встретился с главой известной французской компании «Bouygues» Мартеном Буигом, прибывшим в нашу страну для участия в торжествах, посвящённых 34-й годовщине государственной независимости. Во встрече также приняли участие заместитель генерального директора «Bouygues» Эдвард Буиг, член Совета правления этой компании Уильям Буиг и руководитель компании «Bouygues Batiman International» Пьер-Эрик Сен-Андре.

Выразив признательность за возможность встречи, гости искренне поздравили Героя-Аркадага с главным государственным праздником страны. Мартен Буиг подчеркнул, что для него большая честь работать в Туркменистане, уверенно следующем по пути экономического роста, и поблагодарил за условия, созданные для эффективной деятельности на туркменском рынке иностранных компаний, в том числе возглавляемой им компании «Bouygues».

Мартен Буиг отметил продуктивность сегодняшней встречи с Президентом Туркменистана, в ходе которой были обсуждены нынешнее состояние и перспективы дальнейшего развития установившегося продуктивного сотрудничества.

Тепло поприветствовав гостей и поблагодарив их за поздравления, Герой-Аркадаг с удовлетворением констатировал, что компания «Bouygues» на протяжении десятилетий является надёжным, проверенным временем партнёром нашей страны.

Как отмечалось, Туркменистан сотрудничает с компанией «Bouygues» более 30 лет, и за это время было реализовано множество архитектурных и инфраструктурных проектов, оказавших заметное влияние на облик нашей столицы – Ашхабада. Установившееся плодотворное взаимодействие напрямую способствует укреплению туркмено-французских отношений в целом, демонстрируя яркий пример эффективного международного партнёрства.

Ашхабад продолжает стремительно развиваться, укрепляя свои позиции в качестве центра международного и регионального сотрудничества. Архитектурная инфраструктура туркменской столицы ежегодно пополняется новыми, современными объектами, соответствующими высоким стандартам качества и эстетики.

– Туркменистан всегда открыт для долгосрочного и взаимовыгодного сотрудничества с ведущими компаниями. «Bouygues», безусловно, входит в число таких партнёров, – отметил Герой-Аркадаг.

Выразив признательность за оказываемое высокое доверие, Мартен Буиг заверил, что возглавляемая им компания и в дальнейшем будет выполнять свои договорные обязательства.

В завершение встречи Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Герой-Аркадаг пожелал руководству компании «Bouygues» успехов в работе.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Встреча с координатором программы премьер-министра Пакистана по делам молодежи, зарубежным делам, торговым и деловым связям***

1 октября 2025 года в посольстве Туркменистана в Исламабаде посол Туркменистана в Пакистане А.Мовламов принял Шахеряр Мемона, недавно назначенного координатора программы премьер-министра Пакистана по делам молодежи, зарубежным делам, деловым и торговым связям.

В ходе встречи посол А.Мовламов рассказал о миролюбивой и конструктивной внешнеполитической стратегии Туркменистана, основанной на принципах нейтралитета и взаимовыгодного сотрудничества. Стороны обсудили возможные пути дальнейшего укрепления торгово-экономических отношений между двумя странами.

Стороны также обсудили широкий спектр вопросов двустороннего взаимодействия, включая торгово-экономическое сотрудничество, развитие энергетических связей, а также культурные и образовательные программы. Было подчеркнуто, что расширение партнёрства в этих сферах отвечает интересам обеих сторон и открывает новые перспективы для долгосрочного взаимодействия.

***Делегация Туркменистана приняла участие в Неделе устойчивой энергетики ЕЭК ООН в Женеве***

В период с 29 сентября по 2 октября 2025 года, в Женеве состоялась Неделя устойчивой энергетики ЕЭК ООН 2025, прошедшая под девизом «Справедливый переход к созданию устойчивых энергетических систем». В мероприятии приняли участие представители государственных структур, международных организаций, а также широкий круг экспертов. В мероприятиях приняла участие делегация Туркменистана во главе с заместителем Председателя Государственного концерна «Туркменнебит».

В рамках Недели прошли заседания Группы экспертов по энергоэффективности, Группы экспертов по более чистым электроэнергетическим системам, Группы экспертов по возобновляемым источникам энергии, а также Комитета по устойчивой энергетике.

Кроме этого, участники рассмотрели ход реализации рабочих планов на 2024–2025 годы и определили стратегические приоритеты на период 2026–2027 годов.

В ходе 34-й сессии Комитета по устойчивой энергетике была дана оценка достигнутому прогрессу с момента предыдущей сессии и обозначены дальнейшие направления работы в условиях актуальных вызовов мировой энергетической повестки.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***